# Nohur

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nohur NOHUR




Ýyldyzlar çeşmede misli bir balyk,
Bu ýerde tebigat örän ýabany.
Şäherdäki ýaly zähräňi ýaryp,
Itler üýrüp garşy almaz adamy.
Olar intipisem etmez adama,
Bar küýi-köçesi möjekdir olaň.
Meniň türkmenite bolan söýgimi
Şeýle akly bilen öjikdir olar.

Ilki dag şemaly saňa topulart,
Bir mähriban jigiň ýaly jülgeler.
Şemala başlaryn yrar oturar,
Toý lybasyn geýen ýaly üljeler.

Nähakdan degjek ýok seniň çetiňe,
Men bu ýerde köp adama ýaradym.
Bu ýerde bekden bek serhet çekilen
Arasyndan dogry bilen galadyň.

***

Didesi gussaly, dilber,
Çümme hasrat derýasyna.
Geçer gider elwan güller,

Soň bakmazlar perýadyňa.

Gözýaş üçin pursat bardyr,
Aglarsyň bolanda kempir.
Senden özge biri bilen
Meniň söýgim bolar kemter.

Söýýärin men gözýaşyňy,
Ondan beter gülküleriň.
Haçan seniň aýalaňda,
Başym goýup irkilerin?! Goşgular